# «Gyzylja şerbeti» ne beýle çetiñize degdi?

Category: Kitapcy,Teatr we kino sungaty
написано kitapcy | 26 января, 2025
"Gyzylja şerbeti" ne beýle çetiñize degdi? «GYZYLJA ŞERBETI» NE BEÝLE ÇETIÑIZE DEGDI?




Dünýäde Türkiýe ýaly tema baý, habar beriş serişdelerine şular ýaly köp tema berýän başga bir ýurda gabat gelmek kyn bolsa gerek.
Uçursyz uly ýitgili ýer yranmasyny başdan geçirdik. Yzysüre şular ýaly uly ýasyñ içinde saýlaw döwrüne girdik. Ynha size, ýaranlyklar, bileleşmeler, aýrylyşmalar, günüñ güni onlarça habar…
Şular ýaly goh-galmagalyñ içindekä başga bir zat tapyldy duruberdi.
Özüñizem bilýänsiñiz, her teleýaýlymda birnäçe teleserial bar. Şol seriallaryñam millionlarça tomaşaçysy bar.
Hawa, menem seriallara tomaşa edýän biri.

1974-nji ýylda Diýarbekirde ilkinji gezek TRT-niñ teleýaýlymlary işe başlapdy.
Aradan 49 ýyl geçdi. Şondan öñem radiolarda «yzy ertir» görnüşinde radioteatrlar bardy, olary-da sypdyrman diñlärdim.
Elbetde, meniñ bu aýdýanlarym köp kişini geñirgendiribem biler. Meniñ öz töwereginde bu bolşumy geñleýän örän agras, gepi-sözi ýerbe-ýer, salyhatly ýaşulylar bar.
«Aý-how, sen seriala tomaşa edýärmiñ? Şolar ýaly bolgusyz zatlara wagtyñy giderýäñmi?» diýýärler.
Gizläp biljek däl, biraz wagtymy-ha giderýän, aýyp bolsa aýypmyş-da.
Elgaraz… seriallary sypdyrman gözden geçirýärin. Her täze çykan serialyñ bir, iki, üç seriýasyny näme hakda gidýändigine doly düşünýänçäm tomaşa edýärin.
Soñra göwnüme ýarany, halkyñ dilinde aýtsak, «meni özüne dolap alany» bolsa-ha yzyny sypdyrman görýärin. Ýogsa-da, taşlaýan, görmämi bes edýärin.
Edil häzir soñky günleriñ iñ köp jedeli edilýän seriallaryñ birem «Show TW»-däki «Gyzylja şerbeti» («Kızılcık Şerbeti»).
Ony-da birinji seriýasyndan başlap sypdyrman görüp gelýärin. Gyzykly eken.
Ýogsa-da, «Gyzylja şerbeti» nämäniñ gürrüñini edýär?
«Gyzylja şerbeti» näderejede hakykatçyl? Sekulýar-konserwatiw maşgala durmuşlary nähili bolup geçýär?
Dünýewi, hatda dünýewiçil (dünýewilikden öte bilýänsiñiz, dünýewiçilik aýry adalga), sekulýar, ulusalcı, işte döwrebap maşgalanyñ gyzy baý, ortagürp synpdan ýokarda, ummasyz baýlygy bolan konserwatiw dindar maşgalada önüp-ösen bir ýigidi söýýär.
Olaryñ ikisem biri-birini halaýar we ahyrynda durmuş gurýarlar.
Ine, aradan geçen şunça wagtyñ içinde bularyñ özara gatnaşyklary, toýlary, gudaçylyga gidişleri, öýke-kineler, gaharlanmalar, öýkeläp atasy öýüne gitmeler, köşeşip ýene yzyna gelmeler, maşgalanyñ içindäki başga pynhan söýgi gatnaşyklary, başga gatnaşyklar… suratlandyrylýar.
Eýse şunda näme bar? Ine, şu ýerde-de kyýamat gopdy.
Aýratynam hökümete ýakyn durýan, dindar, konserwatiw diýilýän mediýanyñ aglaba bölegi perýat-pygan etmäge başlady.
Waý, dat, «bu serial dini gymmatlyklary, dindarlary masgaralaýar. Olary bolmalysyndan başga hili edip görkezýär.

Jemgyýetiñ arasynda uçuryma sebäpçilik döredýär».
Iñ soñunda-da serialyñ zor bilen toý tutulma epizodlarynda toý gijesi, gärdek gijesi, geliniñ özüni halas etmek üçin äpişgäniñ öñüne gitmegi we dindar maşgalanyñ ogly bolan adamsynyñam ony äpişgeden aşak iteklemegi jedeliñ oduny tutaşdyrdy.
Teleradioýaýlymlaryna gözegçilik edýän edara (RTÜK) şobada herekete geçdi.
RTÜK nämüçin herekete geçýär? Oña näme bolýar?
Seret, şeýle bir seriallar bar welin… Meselem, Star TV-de «Yalı Çapkını» diýen bir serial bar. Serialda antepli maşgalanyñ gürrüñi gidýär. Ähli anteplileriñ nämüçin şindizem aýaga galmaýandyklaryna teý düşünip bilemok.
Şolar ýaly ugur-utgasyz, bolgusyz pynhan gatnaşyklar antepli maşgalanyñ mysalynda suratlandyrylýar welin, tutuş Antepiñ perýat-pygan etmän durmagy mümkin däl.
Ýagny, maşgala arasyndaky bolgusyz gatnaşyklar: ata, ogul, agtyk, gelinler…
Bütin Antepe aýaga galmak gerek. Çünki Antepde bular ýaly maşgala ýok.




Şindi RTÜK-e näme boldy?
Nämemiş, baý dindarlary, ýagny, pakyr-pukara, takwa maşgalada däl, gijeki düşelgede ýaşaýan, bularyñ çaga-çugalary, durmuşlary ýalñyş suratlandyrylýarmyş.
Elbetde, men serialyñ aklawjylygyny etjek bolamok. Men «serial

birkemsiz, senarisinde hiç hili ýalňyşlyk ýok» diýjegem bolamok. Munuň özi meniň işim däl.
Elbetde, birtopar ýalňyşlyklar, kemçilikler bar, ýöne, gadyrdan, nämüçin serial şolar ýaly çetiňize degdi?
Siz geçmişde dindar, takwa maşgalalaryň ogul-gyzlarynyň häzir näme edendiklerini bir bilýärsiňizmi?
Meniň alty çagam bar. Olaryň hemmesi-de dini jemagatlaryň mekdeplerinde okady, onlarça, ýüzlerçe tanyş bilişleri bar: ministrleriň, müdirleriň, uly işewürleriň çagalary bar…
Nämeleriň bolup-geçýänini, geliň-de, menden sorasaňyzlaň.
Elbetde, siziň özüňizem gowy bilýärsiňiz, soramagyňyza hajat-da ýok.
Näme çetiňize degdi beýle?
Şonuň üçin şu döwürde «gezýäni» bilen basylan we mediýanyň diline düşen ministrlerden, aşa azgynçylykly gatnaşyklara giren dindarsumak işewürlere çenli birgiden zatlar bolup geçdi.
Bu dine dil ýetirmek däl-ä.
Ýagny, RTÜK-niň häzirki bolşuny düýbünden dogry hasaplamok.
Käşgä, ähli seriallara şeýle göz bilen seredýän bolsady.
Ýokarda ýekejesini mysal berdim.
Şolar ýaly artykmaç dert-azar edinmegiň geregi ýok.
Altan TAN.
@AltanTan1958

Anna, 31.03.2023 ý. Teatr we kino sungaty